Türkmenistanyň Milli elektron sport federasiýasynda
Assosiirlenen agzalygyň çäklerinde
kompýuter klubynyň işini standartlaşdyrmak baradaky
**_________ BELGILI YLALAŞYK**

ş. Aşgabat «__» _________ 2025 ý.

Bir tarapdan, Federasiýanyň Baş kätibi Nazar Udeumuradowyň ýolbaşçylygynda, Tertinamasy esasynda hereket edýän, mundan beýläk “Federasiýa” diýlip atlandyrylýan “Türkmenistanyň Milli elektron sport federasiýasy” jemgyýetçilik birleşigi hem-de patent (__________) esasynda hereket edýän ________________________ (soňra «Kompýuter kluby» diýip atlandyrylýar) beýleki tarapdan, bilelikde «Taraplar» diýip atlandyrylýan taraplar aşakdaky şertler bilen şu Şertnama baglaşdylar:

## 1. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. Şu Ylalaşyk, Federasiýanyň Assosiirlenen agza derejesini almak we saklamak maksady bilen Kompýuter klubynyň işini standartlaşdyrmak boýunça hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak üçin gönükdirilendir;

1.2. Standartlaşdyrmak, Türkmenistanyň Milli elektron sport federasiýasynyň Assosiirlenen agza derejesini almak üçin enjamlara, howpsuzlyga, infrastruktura, işiň hukuk taraplaryna, şeýle hem kibersport toparyny we oýunçylary guramaga bildirilýän iň pes talaplaryň berjaý edilmegini öz içine alýar;

1.3. Standartlaşdyrmagyň esasy maksady – Kompýuter klubynyň oýunçylary (atletleri) we müşderileri üçin howpsuz, amatly we tehniki taýdan laýyk şertleri üpjün etmekden ybaratdyr.

## 2. TARAPLARYŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

2.1. Federasiýanyň hukugy bar:
- Assosiirlenen agzalary höweslendirmäge;
- Her çärýekde bir gezek, emma her çärýegiň birinji aýynyň 5-den giç bolmadyk senesinde Kompýuter klubynda meýilleşdirilen barlaglary we gözegçilikleri geçirmäge;
- Şu Ylalaşygyň şertleriniň bozulmagy ýagdaýynda Kompýuter klubynyň agzalyk derejesini togtatmaga ýa-da bes etmäge, bu barada hökmany habar berip;
- Kompýuter kluby tarapyndan berlen maglumatlary diňe Federasiýanyň Ustawyna laýyk maksatlarda ulanmagy.

2.2. Federasiýa borçlanýar:
- Federasiýanyň ygtyýaryna girýän meseleler boýunça Kompýuter klubyna maslahat we usulyýet goldawyny bermäge;

- Meýilleşdirilen barlaglar barada Kompýuter klubyna barlagdan azyndan 5 (bäş) iş güni öňünden habar bermäge (esaslandyrylan sebäpler boýunça geçirilýän meýilleşdirilmedik barlaglar bu düzgünden çykma bolup biler);
- Kompyýuter klubyny Assosiirlenen agza hökmünde hasaba almaga we degişli maglumatlaryň hakykylygyny üpjün etmäge.

2.3. Kompýuter klubynyň hukugy bar:

- "Assosiirlenen agza" derejesini hökmany görkezmek bilen Federasiýanyň nyşanyny we adyny reklam we maglumat serişdelerinde ulanmaga;
- Federasiýanyň ady astynda ýaryşlary geçirmäge (Federasiýa bilen öňünden ylalaşygyň esasynda);
- Federasiýanyň çärelerine gatnaşmaga.

2.4. Kompýuter kluby borçlanýar:

- Şu Ylalaşygyň çäginde Federasiýanyň ähli talaplaryny ýerine ýetirmäge;
- Her ýyl 2400 manat möçberinde agzalyk tölegini geçirmäge;
- Federasiýanyň barlaglaryny geçirmek üçin öz infrastrukturasyna girmegi üpjün etmäge;
- Jogapkär adamy bellemäge;
- Wagtynda hasabat bermäge**.**

## 3. KOMPÝUTER KLUBYNA BILDIRILÝÄN TALAPLAR

3.1. Kompýuter kluby öz işiniň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dogry bellige alynmagy we onuň doly derejede işlemegi üçin jogapkärçilik çekýär, Assosiirlenen agzanyň derejesiniň, onuň ýuridik bellige alynmagy aşakdakylary öz içine almalydyr:

3.1.1. Telekeçilik işi bilen meşgullanmaga hukugy bolan hususy taraplar üçin:

a) ÝŞÝTDS (dine H.J we H.K);
b) Ykdysadyýet ministrliginiň sertifikaty (dine H.J we H.K);
c) Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komiteti bilen işjeleşdirmek (dine H.J we H.K, YIGDK barlamak üçin zerur).
d) Telekeçiniň ykdysady işiň hökmany kodlary bolan patenti:
   - Ykdysady işiň görnüşi 93.29.00;
   - Ykdysady işiň görnüşi 93.19.00;
   - Ykdysady işiň görnüşi 77.33.00;
   - Ykdysady işiň görnüşi 62.02.00;
   - Ykdysady işiň görnüşi 62.09.00;
   - Ykdysady işiň görnüşi 63.11.00;
e) Ulanyş maksatlaryny görkezmek bilen binalaryň kärende şertnamalary: dynç alyş we göwün açyş çarelerini gurnamak ýa-da kompýuter oýun kluby.
f) Şulary görkezmek bilen Türkmenstandartlaryndan alynýan Howpsuzluk sertifikaty TDS 1.2.09-2016: *Telekeçi Planyýew P.P. kompýuter oýun klubynda zähmet howpsuzlygy*;
g) Türkmenstandartlaryndan alynýan Laýyklyk sertifikaty;

h) Ýangyn howpsuzlygy barada şahadatnama;
i) Iş tertibi rugsatnama;
j) Keselleriň ýaýramagynyň öňüni almak we arassaçylyk netijenamasy (zerurlyk ýüze çykan halatynda);

3.2. Ýerleşýän ýeri we infrastrukturalary:

- Komýuter kluby arassaçylyk, tehniki we ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryna laýyk gelýän, ýaşaýyş üçin niýetlenmedik binalarda (söwda merkezlerinde, işewürlik merkezlerinde, aýratyn duran binalarda we ş.m.) ýerleşmelidir;
- Kompýuter kluby orta we ýöriteleşdirilen orta mekdeplerden 200 metr uzaklykda ýerleşmeli;
- Kompýuter klubynyň iň az meýdançasy 1 (bir) oýun ýerine (1 oýunça) $3m^2$ (3 inedördül metr) ugur alynmalydyr, şunuň bilen 10 oýun ýerine azyndan $50m^2$-dan (50 inedördül metr) meýdançadan ugur alynmalydyr.
- Konsol oýunlary üçin aýratyn oýun zolaklary bolmalydyr (PlayStation/Xbox bar bolan halatynda);
- Giňişlikde hökmany meýdança bellemek: oýun zolagy, dynç alyş zolagy (bar bolsa), dolandyryş binasy (dolandyryş burçy), hajathana, hammam we ş.m.

3.3. Tehniki taýdan üpjünçiligi:

- Oýun kompýuterleriniň iň pes häsiýetnamasy: Intel Core i3 10-njy nesilden kiçi bolmadyk prosessor / Ryzen 5 3600, GTX 1660-dan kiçi bolmadyk wideokarta, 16 GB işjeň ýady. (häsiýetnamasy beýan edilen iň kiçi talaplardan pes bolmadyk şuňa meňzeşleri we öndürijileriň beýleki şereketlerini ulanmaklyga rugsat berilýär);
- Komýuter üçin 24 (ýigrimi dört) diagonaldan 32 (otuz iki) diagonala çenli (24 diagonal ulanmaklyk maslahat berilýär) monitorlar;
- Konsollar üçin telewizorlar: 32 (otuz iki) diagonaldan kiçi bolmaly däl. Elektronşöhleli turbajykly (kinoskoply) telewizorlar düýbünden gadagandyr;
- 100 Mbit/s az bolmadyk LAN birleşdiriji (1 Gbit/s maslahat berilýär).

3.4. Enjamlar we mebel:

- Kompýuter oýun zolagy üçin stollar: ergonomiki, durnukly, bir oýun meýdany üçin uzynlygy 100sm-dan kiçi bolmadyk, stoluň beýikligi 70sm-dan 80sm-a çenli, bir oýun zolak (ýeri) üçin uzynlygy 100 sm-dan kiçi bolmadyk zolaklaýyn bölekli stollara rugsat berilýär;
- Kompýuter oýun zolagy üçin kürsi: tirseklikli we biloňurga goldawly;
- Konsol zolagy: telewizordan 1 (bir) mertden az bolmadyk ýerde ýerleşýän rahat diwanlar ýa-da glider kürsi, eger-de telewizoryň 32 (otuz iki) dioganaly bolan ýagdaýynda, ýarym metr aralygy bolan komýuter kürsülerini ulanmaga rugsat berilýär;

3.5. Ýaş boýunça çäklendirme:

- 9+ ýaş — diňe ene-atanyň ýazmaça rugsady bilen, ýa-da ene-atanyň hut özleriniň gatnaşmagy bilen;

- 16+ ýaş — çäklendirilmezden;

3.6. Iş tertibi:

- Kompýuter klubynyň iş tertibi, iş tertibiniň sertifikatynyň bolmagy bilen düzgünleşdirilýär.
- Ýaryşlar sagat 21:30-a çenli geçirilip bilner (federasiýa bilen ylalaşylyp, şeýlelik bilen federasiýa bäsleşige öz saýtynda bellige alyp biler);

## 4. KIBERSPORT TOPARLARYNY GURAMAK

4.1. Komýuter kluby kibersport toparyny (1 adamdan az bolmadyk) döretmäge borçlydyr, we türgenleşik meýdançasyny mugt üpjün etmeli, günde 5-6 sagatlyk (emma hepdede 30 sagatdan köp bolmaly däl), 5 (bäş) günlik türgenleşik hepdesini hasaba almak bilen türgenleşik meýdançasyny mugt bermäge borçlydyr.

4.2. Komýuter klubynyň "höwesjeň" we "ýarymprofessional" derejedäki kibersport toparyny topary ň kapitany türgenleşdirip biler, "professional" derejedäki topary federasiýanyň sertifikatlaşdyrylan tälimçisi türgenleşdirip biler. Topar Liquipedia-da degişli HLTV, Tier 1 derejesini alandan soňra "professional" derejesini alýar, Valve reýtingini alýar, göni çakylyk alýar ýa-da Tier 1 ýaryşynda toparlara bölünýär, olimpiýa oýunlaryna gatnaşýar.

4.3. Kompýuter klubynyň toparyna aşakdaky düzgün-tertibi boýunça (kibersport oýunlary bilen) ýaş çäklendirmelerine laýyk gelýän oýunçylar girip bilerler:

- Counter Strike 2 – 16 ýaşdan;
- Dota 2 – 16 ýaşdan;
- PUBG Mobile we PUBG – 16 ýaşdan;
- eFootball – 14 ýaşdan;
- (FC) FIFA – 14 ýaşdan;

4.4. Kompýuter kluby 3 aýda bir gezek (her çärýegiň birinji senesinde) oýunçylaryň sanawyny (şu oýunçylar federasiýanyň ähli ýaryşlaryna awtomatiki çagyrylar) 2-nji goşundyda görkezilen görnüşde Federasiýa bermelidir;

4.5. Kompýuter kluby oýunçylaryň maglumatlaryny we üç arka maglumatlaryny 3 aýda bir gezek (her çärýegiň birinji senesinde) 2-nji goşundyda bellenen görnüşde Federasiýa bermelidir;

4.6. Kompýuter kluby toparlaryň oýunçylarynyň milli saýlama oýunlaryna gatnaşmaklary üçin olaryň daşary ýurt pasportlarynyň ýaramlylygny barlamaga borçlydyr, sebäbi bäsleşigiň ýeňijisi öz ýurdyny halkara arendasynda görkezer;

4.7. Kompýuter kluby Federasiýa toparlaryň tegini (toparlaryň adyny), şeýle hem ýaryşlarda çykyş etjek nyşanlaryny bermelidir.

## 5. KOMPÝUTER KLUBYŇ HOWPSUZLYK ULGAMLARY

5.1. Her bir binada hajathanalarda (sanuzellerden) başga ýerlerde hökman wideogözegçilik (ýazgylary azyndan 15 gün saklaýan) bolmalydyr.
5.2. Girelgä gözegçilik etmek (neşe we alkogol maddalaryň täsiri astynda bolan ýagdaýynda girmek gadagan).
5.3. Her bir oýun otagynda /zalda ýangyn söndürijiler;
5.4. Goragçy (maslahat berilýär, ýöne hökman däl);

## 6. FEDERASIÝANYŇ ÖŇÜNDE JOGAPKÄRÇILIGI

6.1. Klub Federasiýa aşakdakylary bermäge borçludyr:

- 3 aýda bir gezek: 4.4 we 4.5-nji bentlere laýyklykda toparlaryň düzümi barada hasabaty;
- Ýylda bir gezek: enjamlaryň tehniki ýagdaýlary barada hasabaty (Goşundy 3);
- Ýüztutma boýunça: düzgün-nyzam bozulmalar baradaky hasabaty;

## 7. HUKUK JOGAPKÄRÇILIKLER

7.1. Federasiýa aşakdakylar üçin üçünji şahslaryň öňünde jogapkärçilik çekmeýär:

- Şu ylalaşygyň 2-nji we 4-nji maddalarynyň ýerine ýetirilmändigi üçin;
- Kompýuter klubynyň işi, şol sanda onuň maliýe we hukuk borçnamalary üçin;
- Kompýuter klubynyň iş wagtynda goýberen bozulmalary üçin;
- Kompýuter klubynyň salgyt borçnamalary boýunça bozulmalary üçin;
- Kompýuter klubynyň iş tertibini we grafigini bozandygy üçin;
- Kompýuter klubynyň Türkmenistanyň jenaýat, raýat we administratiw kodekslerini bozandygy üçin;
- Kluba gelýän adamlaryň ýaş çäklendirmelerini bozandygy üçin.

7.2. Kompýuter kluby Federasiýanyň üçünji şahslaryň öňündäki borçnamalary üçin jogapkärçilik çekmeýär.

## 8. JEDELLERI ÇÖZMEGIŇ TERTIBI

8.1. Ähli jedeller we düşünişmezlikler gepleşikleri geçirmek arkaly çözülýär.
8.2. Jedelelri gepleşikleri geçirmek arkaly çözmek mümkin bolmadyk halatynda, jedeller seredilmegi üçin Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetine berilýär.

## 9. YLALAŞYGYŇ HEREKET EDIŞ MÖHLETI

9.1. Şu Ylalaşyk gol çekilen pursatyndan başlap güýje girýär we eger-de taraplaryň hiç biri hem ony ýatyrmak ýa-da agzalygy bes etmek barada beýan etmese, onda awtomat uzaltmak mümkinçiligi bilen 1 (bir) senenama ýyly heraket edýär.
9.2. Şu Ylalaşyk, ylalaşygyň 4.2-nji maddasyna laýyklykda agzalyk tölegleriniň tölenmezligi ýagdaýynda güýjüni ýitirýär.
9.3. Şu Ylalaşygyň şertleri bozulan halatynda, federasiýanyň Kompýuter klubynyň agzalygyny togtatmaga ýa-da ony Assosiirlenen agzalaryň sanawyndan aýyrmaga hukugy bardyr.

## 10. JOGAPKÄR ADAM

10.1. Kompýuter kluby jogapkär adamy bellemäge borçlanýar hem-de onuň üstüne şu Ylalaşygyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we Federasiýa bilen hyzmatdaşlyk etmek ýükleýär.
10.2. Jogapkär adam şu ylalaşygyň 1-nji Goşundysy esasynda hereket edýär we Kompýuter kluby tarapyndan şu Ylalaşykda göz öňünde tutulan ähli talaplaryň berjaý edilmegi üçin şahsy jogapkärçilik çekýär.
10.3. Jogapkär adam aşakdakylara borçludyr:
- Kompýuter klubynyň işiniň Federasiýanyň standartlaryna laýyk gelmegini üpjün etmäge;
- Federasiýa bilen özara gatnaşyk saklamaga, zerur bolan hasabatlary we resminamalary öz wagtynda bermäge;
- Federasiýanyň Kompýuter klubynyň işi bilen bagly ýüztutmalaryna dessine jogap bermek;
- Kompýuter klubynyň Federasiýanyň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirişine gözegçilik etmäge, şol sanda kibersport toparlaryny guralşyna we ýaş boýunça çäklendirmeleriň berjaý edilişine gözegçilik etmäge;

10.4. Jogapkär adam çalşylan halatynda Kompýuter kluby, üýtgetmeleriň girizilen pursatyndan başlap 5 (bäş) iş gününüň dowamynda Federasiýa habar bermäge borçludyr.
10.5. Federasiýanyň jogapkär adam resmi ýüztutma ibermäge, şeýle hem Assosiirlenen agzalygyň çäklerinde Kompýuter klubynyň işi bilen bagly soraglary ara alyp maslahatlaşmak üçin duşuşyklaryň geçirilmegini talap etmäge hukugy bardyr.

## 11. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

11.1. Federasiýanyň şu ylalaşygyň bentlerine ýerine ýetirilýändigini anyklamak maksady bilen islendik wagtda kompýuter klubyny barlaga hukugy bardyr.
11.2. Şu Ylalaşyk deň hukuk güýji bolan iki nusgada düzüldi.
11.3. Şu ylalaşyga gol çekmek bilen, Taraplar onuň şertleri bilen tanyşandygyny tassyklaýarlar we olary berjaý etmäge borçlanýarlar.

## 12. TARAPLARYŇ GOLLARY

| **«Türkmenistanyň Milli elektron sport federasiýasy» Jemgyýetçilik birleşmesi** | | **Telekeçi ___________** | |
|---|---|---|---|
| Salgysy: | Köpetdag etrap, Parahat 1 kiçi etrapça, jaý 70, Aşgabat, 744000, Türkmenistan | Salgysy: | |
| Sanaw belgisi | 21020227 | Patent | |
| Salgyt belgisi | 102311004076 | Salgyt belgisi | |
| Telefon: | +99363762332 | Telefon: | |
| eMail: | info@tmesf.org | eMail: | |

____________________Udeumuradow N.          _________________________Bekiýew S.